# The Procter & Gamble Company

## Maglumat gizlinligi barada çarçuwa meýilnama: Müşderileriň şahsy gizlinligi barada düzgünnama

**Soňky täzelenen senesi: 2024-nji ýyl 10-ýuly**

The Procter & Gamble Company we onuň 1-nji goşundyda kesgitlenen ABŞ-daky golçur kärhanalary hem-de affilirlenen kompaniýalary (bilelikde “P&G”) siziň şahsy gizlinlik baradaky aladalaryňyza hormat goýýar.

P&G ABŞ Söwda ministrligi tarapyndan dolandyrylýan ÝB-ABŞ Maglumat gizlinligi barada çarçuwa meýilnama (ÝB-ABŞ DPF), ÝB-ABŞ DPF Birleşen Patyşalyk boýunça giňeltmesine we Şweýsariýa-ABŞ Maglumat gizlinligi barada çarçuwa meýilnama (Şweýsariýa-ABŞ DPF) (bilelikde “DPF”) gatnaşýar. P&G ÝB-den, Birleşen Patyşalykdan we Şweýsariýadan DPF bilen baglylykda kompaniýa gelip gowuşýan Sarp edijileriň şahsy maglumatlaryna degişli DPF ýörelgelerini berjaý etmäge borçanýar. Bu Düzgünnamada P&G kompaniýasynyň Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerini Sarp edijileriň şahsy maglumatlaryna degişlilikde nähili durmuşa geçirýändigi beýan edilýär. Şu Düzgünnama bilen ÝB-ABŞ DPF ýörelgeleriniň we/ýa-da Şweýsariýa-ABŞ DPF ýörelgeleriniň arasynda gapma-garşylyk bar bolsa, Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgeleri artykmaçlyk edýär. Şu Düzgünnamada ulanylýan kesgitlemeler diňe şu Düzgünnama degişlilikde we Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň çäginde P&G şahadatnamasyna degişlilikde ulanylýar.

**“Sarp ediji”** ÝB-de, Birleşen Patyşalykda ýa-da Şweýsariýada ýerleşýän islendik fiziki şahsy aňladýar, ýöne öz ygtyýary bilen Işgär bolup durýan şahslaryň hijisi muňa degişli däl.

**“Gözegçi”** öz başyna ýa-da başgalar bilen bilelikde Şahsy maglumatlaryň işlenmeginiň maksatlaryny we serişdelerini kesgitleýän şahsy ýa-da guramany aňladýar.

**“Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgeleri”** ýa-da **“DPF ýörelgeleri**” DPF ýörelgelerini we goşmaça ýörelgelerini aňladýar.

**“ÝB”** Ýewropa Bileleşigini we Islandiýany, Lihtenşteýni hem-de Norwegiýany aňladýar.

**“Şahsy maglumatlar”** Möhüm maglumatlary hem goşmak bilen (i) şahsyýeti anyklanan ýa-da şahsyýetini anyklap bolýan şahs barada, (ii) ABŞ-da P&G tarapyndan ÝB-den, Birleşen Patyşalykdan ýa-da Şweýsariýadan alnan we (iii) islendik görnüşde ýazga alnan islendik maglumaty aňladýar.

**“Işleýji”** Şahsy maglumaty Gözegçiniň adyndan işleýän islendik fiziki şahsy ýa-da edara görnüşli tarapy, döwlet edarasyny, gullugyny ýa-da başga guramany aňladýar.

**“Möhüm maglumat”** lukmançylyk ýa-da saglyk ýagdaýyny, jyns ýa-da etniki gelip çykyşyny, syýasy garaýyşlaryny, dini ýa-da pelsepe ynançlaryny, kärdeşler arkalaşygyna agzalygyny (kärdeşler arkalaşygy babatda garaýyşlaryny ýa-da işjeňliklerini hem goşmak bilen), jynsy durmuşyny (şahsy jyns gatnaşyklaryny hem goşmak bilen), sosial howpsuzlyk çäreleri barada maglumatlary, islendik düzgüni bozandygy ýa-da düzgüni bozmak bilen aýyplanandygy barada maglumatlary, şahsyň eden ýa-da etmek bilen aýyplanan islendik etmişine degişli kazyýet işlerini ýa-da şeýle kazyýet işleriniň bes edilmegini ýa-da şeýle kazyýet işleriniň netijesinde islendik kazyýet edarasy tarapyndan berlen jeza çäresini (administratiw temmileri we jenaýat üçin berlen jezalary hem goşmak bilen) kesgitleýän şahsy maglumatlary aňladýar.

“**Birleşen Patyşalyk**” Birleşen Patyşalygy (we Gibraltary) aňladýar.

**“Işgär”** P&G kompaniýasynyň ýa-da onuň ÝB-däki, Birleşen Patyşalykdaky ýa-da Şweýsariýadaky islendik golçur kärhanasynyň ýa-da affilirlenen kompaniýasynyň islendik häzirki, ozalky ýa-da geljekdäki işgärini, hakyna tutma işgärini, şolarda hünär synagyny geçýän işgäri ýa-da wagtlaýyn işgärini ýa-da şahsy maglumatlary iş gatnaşygy bilen baglylykda P&G tarapyndan işlenilýän, ÝB-de, Birleşen Patyşalykda ýa-da Şweýsariýada ýerleşýän islendik şahsy aňladýar.

P&G kompaniýasynyň Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnama gatnaşýandygyny tassyklaýan şahadatnamany we Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnama degişli goşmaça maglumatlary şu salgyda tapmak bolar: https://www.dataprivacyframework.gov/. P&G websaýtynda ýygnalýan Sarp edijileriň şahsy maglumatlarynyň işlenişi barada goşmaça maglumat üçin şu salgyda ýerleşýän P&G Ýer ýüzi boýunça sarp edijileriň şahsy gizlinligi barada düzgünnamasyna girip görüň: https://privacypolicy.pg.com/en/.

**P&G tarapyndan ýygnalýan şahsy maglumatlaryň görnüşleri**

P&G Sarp edijiler barada Şahsy maglumatlary dürli tärler bilen edinýär. Mysal üçin, P&G haçanda Sarp edijiler P&G websaýty we mobil programmalary (bilelikde “Hyzmatlar”) bilen işleşeninde olardan Şahsy maglumatlary gönümel usulda ýygnaýar. Kompaniýa bu maglumatlary P&G Ýer ýüzi boýunça sarp edijileriň şahsy gizlinligi barada düzgünnamasynda görkezilen maksatlar üçin ulanyp biler.

P&G kompaniýasynyň Sarp edijiler barada ýygnaýan Şahsy maglumatlarynyň görnüşleri:

- habarlaşmak üçin maglumatlar (ady (lakamy, dakma ady we ozalky atlary goşmak bilen), derejesi, e-poçta salgysy, poçta salgysy we telefon belgisi ýaly);
- şahsy häsiýetler we ileri tutmalar (ýaş aralygy, nika we maşgala ýagdaýy, satyn almakda ileri tutýanlary, bilýän dilleri, wepalylyk we baýraklar meýilnamalary barada maglumatlary, hojalygyň demografiki maglumatlary, sosial ulgam platformalaryndan maglumatlar, bilimi we hünäri barada maglumatlar, endikleri, gyzyklanmalary, ýykgyn edýän ugurlary barada üçünji taraplaryň beren bahalary (satyn alma ähtimallygy, durmuş wakasyny başdan geçirmegi we ş.m. ýaly);
- amallar we täjirçilik maglumatlary (müşderiniň hasaby barada maglumatlar, hukuk gazanmak barada maglumatlar, satyn alan zatlarynyň taryhy we olara degişli ýazgylar, önümleriň we programmalaryň göçürilip alynmagy hem-de satyn alynmagy barada ýazgylar, sarp edijiniň şahsyýetini tassyklamak üçin ýygnalýan biometriki däl maglumatlar (parollar, hasabyň howpsuzlygy üçin soraglar) we müşderiler bilen işleşmek boýunça bölümiň ýazgylary ýaly);
- özboluşly identifikatorlar we hasabyň jikme-jik maglumatlary (müşderi belgisi, hasap belgisi, abuna belgisi, baýraklar meýilnamasy üçin belgi ýaly), ulgamyň identifikatorlary (ulanyjy adyny ýa-da onlaýn hasaba giriş maglumatlaryny goşmak bilen), enjamyň mahabat berijileri, mahabat ID-leri we IP salgysy;
- onlaýn we tehniki maglumatlar (IP salgysy, MAC salgysy, SSID-ler ýa-da beýleki enjam identifikatorlary ýa-da dowamly identifikatorlary, onlaýn ulanyjy ID-si, şifrlenen parol, enjamyň häsiýetleri (brauzer maglumatlary ýaly), web serweriniň žurnallary, programma žurnallary, göz gezdiriş maglumatlary, tomaşa ediş maglumatlary (teleýaýlym, striming), websaýtyň we programmanyň ulanylyşy, birinji tarap kuki faýllary, fleş kuki faýllary, Silverlight kuki faýllary, web çelgileri, arassa GIF faýllary we piksel tagmalary ýaly);
- takyk geografik ýerleşiş (meridian/parallel ýaly);
- saglyk ýagdaýy barada maglumatlar (umumy saglyk barada we kesel alamatlary barada maglumatlar, göwrelilige degişli maglumatlar ýa-da beden ýa-da ruhy saglygy barada, keseliň ýagdaýy barada maglumatlar, lukmançylyk taryhy ýa-da lukmançylyk bejergileri ýa-da anyklanan keseller, alnan dermanlar barada we olara dahylly maglumatlar ýaly);

- maliýe maglumatlary (bank hasabynyň belgisi we jikme-jik maglumatlary hem-de töleg kartynyň maglumatlary ýaly);
- hökümet tarapyndan berlen şahsyýetnama belgisi ýa-da salgyt belgisi;
- sesli we wizual maglumatlar (fotosuratlar, wideo şekilleri, gözegçilik kameralarynyň ýazgylary, jaň merkezleriniň ýazgylary we jaňlara gözegçilik ýazgylary hem-de sesli hatlar ýaly);
- akylly enjamlardan we datçiklerden alnan maglumatlar (akylly enjamyň ýazgylary, IoT önümleri ýaly);
- öý hojalyklary ýa-da çagalar barada maglumatlar (çagalaryňyzyň sany, çagalaryňyzyň geýýän arlyklarynyň ölçegleri, olaryň jynsy we ýaşy ýaly);
- biometrik maglumatlar (ýüzi tanaýyş maglumatlary we biometrik identifikatoryňyzyň matematiki görkezilişi ýaly); we
- bu bölümde sanalyp geçilen başga maglumatlardan öndürilen maglumatlar.

Mundan başga-da, P&G öz satyjylarynyň (töleg amal edijileri we ýük daşaýjylary ýaly) wekilleriniň habarlaşmak üçin maglumatlary we maliýe hasaplary ýaly Şahsy maglumatlary edinýär. P&G bu maglumatlary bu taraplar bilen öz gatnaşyklaryny dolandyrmak, töleglere amal etmek we P&G kompaniýasynyň şertnamalaýyn borçlaryny ýerine ýetirmek üçin ulanýar.

P&G şeýle hem P&G tarapyndan maglumatlar ýygnalýan wagty ýörite bildiriş bermek arkaly başga tärler bilen Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryny edinip hem-de ulanyp biler.

P&G kompaniýasynyň Sarp edijileriň Şahsy maglumatlarynyň işlenilmegine degişli şahsy gizlinlik amallary Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň Bildiriş; Saýlaw; Geçirimden soňky jogapkärçilik; Howpsuzlyk; Maglumatlaryň bitewiligi we maksadyň çäklendirilmegi; Giriş ygtyýary; we Kömek soramak, kanunçylygy berjaý etmek we borçlulyk ýörelgelerine laýyk gelýär.

**Bildiriş**

P&G şu Düzgünnamada we Ýer ýüzündäki sarp edijileriň şahsy gizlinligi barada düzgünnamada P&G kompaniýasynyň ýygnaýan Şahsy maglumatlarynyň görnüşleri, P&G kompaniýasynyň Şahsy maglumatlary haýsy üçünji taraplara äşgär edýändigi we haýsy maksatlar bilen şeýdýändigi barada maglumatlary, Sarp edijileriň öz Şahsy maglumalarynyň ulanylyşyny we äşgär edilişini çäklendirmek boýunça hukuklary we saýlawlary hem-de şahsy maglumatlara degişli P&G kompaniýasynyň amallary boýunça oňa nädip ýüz tutmalydygy barada maglumatlary hem goşmak bilen özüniň sarp edijileriň şahsy maglumatlary boýunça amallary barada maglumat berýär.

Kesgitli maglumatlary işlemek boýunça hereketler barada bildirişlerde hem dahylly maglumatlary tapmak bolar.

**Saýlaw**

P&G umuman Sarp edijilere öz Şahsy maglumatlarynyň (i) üçünji tarap Gözegçilere äşgär edilip bilinjekdigini ýa-da bilinmejekdigini ýa-da (ii) maglumatyň ilkibaşda ýygnalyş maksatlaryndan ýa-da ýygnalanyndan soň degişli Sarp ediji tarapyndan ygtyýar berlen maksatlaryndan ep-esli tapawutlanýan maksatlar bilen ulanylyp bilinjekdigini ýa-da bilinmejekdigini saýlamak mümkinçiligini hödürleýär. Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgeleriniň talap edýän çäklerine çenli P&G Möhüm maglumatlaryň belli görnüşlerde ulanylmagy we äşgär edilmegi üçin islege bagly razylyk alýar. Sarp edijiler özleriniň Şahsy maglumatlarynyň ulanylmagy ýa-da äşgär edilmegi barada aşakda görkezilişi ýaly P&G kompaniýasyna ýüz tutup bilerler. P&G ýerlikli saýlawy hödürlemedik ýagdaýynda kompaniýa Şahsy maglumatlary diňe şu Düzgünnamada görkezilenler bilen takmynan birmeňzeş maksatlar üçin ulanar.

*Şahsy maglumatlaryň paýlaşylmagy*

Şu Düzgünnama we P&G kompaniýasynyň [Ýer ýüzündäki sarp edijileriň şahsy gizlinligi barada düzgünnama] P&G kompaniýasynyň Sarp edijileriň şahsy maglumatlaryny nähili paýlaşýandygyny beýan edýär.

P&G Sarp edijileriň şahsy maglumatlaryny P&G biznesini işletmek we P&G önümlerini hem-de hyzmatlaryny üpjün etmek maksady bilen P&G kompaniýalar ulgamynda islendik edara görnüşli tarapy öz içine almagy mümkin özüniň affilirlenen we golçur kärhanalary bilen paýlaşýar. Şeýle hem, P&G töleg amal etmek we tassyklamak, sargydy berjaý etmek, daşamak, gümrükden geçirmek, marketing, maglumat seljeriş, müşderiler bilen işleşmek we kezzapçylygyň öňüni almak ýaly hyzmatlary öz adyndan ýerine ýetirmegi üçin tutulýan üçünji tarap Işleýjiler bilen Sarp edijileriň şahsy maglumatlaryny paýlaşyp biler. Bu üçünji tarap Işleýjiler Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryny diňe P&G kompaniýasynyň adyndan we P&G gözükdirijilerine laýyklykda, ýokarda beýan edilişi ýaly hyzmatlary P&G kompaniýasyna üpjün etmek maksady bilen ulanyp bilerler. P&G (i) kompaniýanyň öz adyndan we öz gözükdirijilerine laýyklykda hyzmatlary ýerine ýetirmegi üçin tutan üçünji tarap Işleýjilerine, (ii) kanun ýa-da kazyýet işi tarapyndan şeýle etmegi hökmany bolsa ýa-da (iii) milli howpsuzlygy, halkyň bähbidini ýa-da hukuk goraýjy edaralaryň talaplaryny berjaý etmegi hem goşmak bilen döwlet edaralarynyň kanuny talaplaryna jogap hökmünde Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryny ýüz öwürmek mümkinçiligini hödürlemezden äşgär edip biler we onuň Şahsy maglumatlary äşgär etmegi hökmany bolup biler. Şeýle hem, P&G audit geçirilen ýagdaýynda ýa-da kompaniýa öz biznesiniň ýa-da aktiwleriniň hemmesini ýa-da bir bölegini satan ýa-da başgasyna geçiren ýagdaýynda (birleşmegi, satyn alynmagy, bilelikdäki kärhanany, üýtgedip gurmagy, ýatyrmagy ýa-da likwidasiýany hem goşmak bilen) Şahsy maglumatlary geçirmek hukugyny özünde saklaýar.

**Şahsy maglumatlaryň geçirilmeginden soňky jogapkärçilik**

Şu Düzgünnama we P&G kompaniýasynyň [Ýer ýüzündäki sarp edijileriň şahsy gizlinligi barada düzgünnama] P&G kompaniýasynyň Sarp edijileriň şahsy maglumatlaryny nähili paýlaşýandygyny beýan edýär.

Degişli kanunçylyk tarapyndan rugsat berlen ýa-da talap edilen ýagdaýlardan başga, P&G Sarp edijilere özleriniň Şahsy maglumatlarynyň üçünji tarap Gözegçiler bilen paýlaşylmagyndan ýüz öwürmek mümkinçiligini üpjün edýär. P&G Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryny haýsy üçünji tarap Gözegçilere äşgär edýän bolsa, olaryň şulary berjaý etmäge razylyk berýändigini şertnama bilen berkidýär: (i) Şahsy maglumatlary diňe degişli Sarp ediji tarapyndan berlen razylyga laýyklykda çäklendirilen we kesgitlenen maksatlar bilen işlemek, (ii) Şahsy maglumatlara Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgeleri tarapyndan talap edilişi bilen deň derejede goragy üpjün etmek we (iii) üçünji tarap Gözegçi özüniň Şahsy maglumatlara Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgeleri tarapyndan talap edilişi bilen deň derejede goragy üpjün edip bilmejekdigini kesgitlän ýagdaýynda P&G kompaniýasyna habar bermek we Şahsy maglumatlary işlemegini bes etmek (ýa-da başga makul we ýerlikli düzediş çärelerini durmuşa geçirmek).

Sarp edijileriň Şahsy maglumatlarynyň üçünji tarap Işleýjilere geçirilmegine degişlilikde P&G (i) her bir degişli Işleýji bilen şertnama baglaşýar, (ii) Şahsy maglumatlary her bir şeýle Işleýjä diňe çäklendirilen we kesgitlenen maksatlar üçin geçirýär, (iii) Işleýjiniň Şahsy maglumatlara Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgeleri tarapyndan talap edilýän şahsy gizlinlik bilen deň derejede goragy üpjün etmäge borçlanýandygyny takyklaýar, (iv) Işleýjiniň Şahsy maglumatlary P&G kompaniýasynyň Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgeleriniň çägindäki borçnamalaryna laýyklykda netijeli görnüşde işlemegini kepillendirmek üçin makul we ýerlikli çäreleri durmuşa geçirýär, (v) Işleýji Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgeleri tarapyndan talap edilýän gorag bilen deň derejeli goragy üpjün etmek boýunça öz borçnamasyny berjaý edip bilmejekdigini kesgitlän ýagdaýynda, onuň P&G kompaniýasyna habar bermegini talap edýär, (vi) ýokardaky (v) bendini hem goşmak bilen, degişli habarnamany alanynda Şahsy

maglumatlaryň Işleýji tarapyndan birugsat işlenmegini bes etmek we düzetmek üçin makul hem-de ýerlikli çäreleri durmuşa geçirýär we (vii) talap edilen ýagdaýynda, Işleýji bilen baglaşylan şertnamanyň şahsy gizlinlige degişli şertleriniň mazmunyny ýa-da göçürme nusgasyny Söwda ministrligine berýär. Kompaniýanyň üçünji tarap Işleýjisiniň geçiren maglumatyny alan tarap degişli Şahsy maglumatlary Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerini bozýan görnüşde işlese, P&G zyýanyň ýüze çykmagyna ýol açan wakada özüniň günäsiniň ýokdugyny subut etmedik ýagdaýynda Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerine laýyklykda P&G jogapkär bolmagynda galýar.

**Howpsuzlyk**

P&G Şahsy maglumatlary işlemekde we olaryň tebigatynda bar bolan töwekgelçilikleri hem göz öňünde tutmak bilen, Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryny ýitmekden, nädogry ulanylmakdan we olara birugsat girilmeginden, äşgär edilmekden, üýtgedilmekden we ýok edilmekden goramak üçin makul we ýerlikli çäreleri durmuşa geçirýär.

**Maglumatlaryň bitewiligi we maksadyň çäklendirilmegi**

P&G özüniň işleýän Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryny belli bir işleýiş maksatlaryna dahylly maglumatlar bilen çäklendirýär. P&G Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryny maglumatyň ýygnalyş maksadyna ýa-da maglumat ýygnalanyndan soň degişli Sarp ediji tarapyndan rugsat berlen maksada gabat gelmeýän görnüşlerde işlemez. Mundan başga-da, şu maksatlar üçin zerur çäge çenli P&G kompaniýa tarapyndan işlenýän Şahsy maglumatlaryň (i) niýetlenilýän ulanyşy üçin ygtybarlydygyny we (ii) takyk, doly we güýjüni ýitirmändigini kepillendirmek üçin makul çäreleri durmuşa geçirýär. Bu babatda P&G maglumatlaryň olaryň ýygnalyş maksadyna ýa-da ýygnalanyndan soň rugsat berlen maksatlaryna laýyk gelmegi üçin zerur çäge çenli degişli Şahsy maglumatlary täzelemekde we düzetmekde özüniň Sarp edijilerine bil baglaýar. Sarp edijiler degişli Şahsy maglumatlary täzelemegini ýa-da düzetmegini soramak üçin aşakda görkezilişi ýaly P&G kompaniýasyna ýüz tutup bilerler.

Degişli kanuna tabynlykda P&G Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryny degişli Sarp edijiniň şahsyýetini anyklaýan ýa-da anyklamaga mümkinçilik berýän görnüşde diňe Şahsy maglumatlaryň ýygnalan maksatlaryna ýa-da ýygnalanyndan soň Sarp ediji tarapyndan rugsat berlen maksatlaryna laýyk gelýän maksada hyzmat edýän möhleti boýunça saklaýar.

**Giriş ygtyýary**

Sarp edijiler umuman özleriniň Şahsy maglumatlaryna giriş hukugyna eýe bolýarlar. Şoňa laýyklykda, degişli ýerlerde P&G Sarp edijilere P&G kompaniýasynyň olar barada saklaýan Şahsy maglumatlaryna girip bilmegi üçin makul mümkinçilikleri üpjün edýär. Şeýle hem, P&G şol Sarp edijilere degişli ýerlerde nätakyk ýa-da Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerini bozýan görnüşde işlenen maglumatlary düzetmäge, üýtgetmäge ýa-da pozmaga makul mümkinçiligi üpjün edýär. Şahsy maglumatlara girişi üpjün etmegiň ýüki ýa-da çykdajysy degişli Sarp edijä abanýan töwekgelçilikler bilen ugurdaş bolmasa ýa-da Sarp edijiden başga şahslaryň hukuklary bozuljak bolsa, P&G şeýle maglumatlaryna girişi çäklendirip ýa-da ondan ýüz öwrüp biler. Sarp edijiler aşakda görkezilişi ýaly P&G kompaniýasyna ýüz tutmak arkaly özleriniň Şahsy maglumatlaryna giriş rugsadyny sorap bilerler.

**Kömek soramak, kanunçylygy berjaý etmek we borçlulyk**

P&G Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerini berjaý etmegi kepillendirmäge ýardam bermek üçin niýetlenilen tärlerden peýdalanýar. P&G tarapyndan Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň çägindäki şahsy gizlinlige degişli amallary barada şahadatnamalarynyň we berýän kepillikleriniň hakykydygyny hem-de P&G kompaniýasynyň şahsy gizlinlige degişli amallarynyň Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerinde görkezilişi ýaly we şolara laýyklykda ýerine ýetirilendigini

anyklamak üçin P&G özüniň Sarp edijileriň Şahsy maglumatlaryna degişli amallaryny ýylda bir gezek gözden geçirýär.

Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnama laýyklykda P&G tarapyndan Sarp edijileriň Şahsy maglumatlarynyň ýygnalyşy we ulanyşy bilen baglanyşykly arz-şikaýatlary Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerine laýyklykda çözmegi P&G kompaniýasy özüne borç edinýär. Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerine bil baglamak bilen alnan Şahsy maglumatlaryň P&G tarapyndan ele alynmagy barada soraglary ýa-da arz-şikaýatlary bolan Sarp edijiler ilki bilen aşakda görkezilişi ýaly P&G kompaniýasyna ýüz tutmaly.

P&G özüniň Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerini berjaý etmändigi öňe sürülýän meseleleri çözmek üçin düzediş çärelerini durmuşa geçirer.

Eger Sarp edijiniň arz-şikaýatyny P&G içerki amallary bilen çözüp bolmasa, P&G JAMS Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamasyna laýyklykda JAMS bilen hyzmatdaşlyk eder, ol meýilnama şu salgyda JAMS websaýtynda beýan edilýär: https://www.jamsadr.com/eu-us-data-privacy-framework. JAMS araçylygy JAMS düzgünlerinde görkezilişi ýaly başladylyp bilner. JAMS hyzmatlary Sarp edijä tölegsiz üpjün edilýär. Dawalary çözmek boýunça iş başladylanyndan soň araçy ýa-da Sarp ediji meseläni ABŞ Federal söwda toparyna ugrukdyryp biler, ol edara P&G kompaniýasyny derňemek we oňa degişlilikde kanuny ýerine ýetirmek ygtyýarlyklaryna eýe bolup durýar. Belli ýagdaýlarda Sarp edijiler P&G kompaniýasynyň Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň ýörelgelerini berjaý etmekligi bilen baglanyşykly arz-şikaýatlary ele almak üçin arbitraž barada hukuk güýji bolan maddalary herekete getirip hem biler.

**P&G kompaniýasyna nädip ýüz tutmaly**

Şu Düzgünnama bilen baglanyşykly ýa-da P&G kompaniýasynyň sarp edijileriň şahsy maglumatlaryna dahylly amallary barada soraglaryňyz ýa-da aladalaryňyz bilen P&G kompaniýasyna ýüz tutmak üçin:

The Procter & Gamble Company
Kime: Maglumatlaryň goragyndan jogapkär işgär
1 Procter & Gamble Plaza
Sinsinnati, OH 45202

E-poçta: pgprivacyofficer.im@pg.com

**Goşundy 1**

## P&G kompaniýasynyň Maglumatlaryň gizlinligi barada çarçuwa meýilnamanyň çäginde şahadatnamaly ABŞ-daky edara görnüşli taraplary

| |
|---|
| The Procter & Gamble Company |
| 1837, LLC |
| Agile Pursuits Franchising, Inc. |
| Agile Pursuits, Inc. |
| Celtic Insurance Company, Inc. |
| Charlie Banana (USA), LLC |
| Farmacy Beauty, LLC |
| First Aid Beauty Limited |
| Fountain Square Music Publishing Co., Inc. |
| Gillette Commercial Operations North America |
| Gillette Holding Company LLC |
| Gillette Management, LLC |
| Grooming Ventures - FL LLC |
| Grooming Ventures LLC |
| Liberty Street Music Publishing Company, Inc. |
| Mielle Organics, LLC |
| Mielle, Inc. |
| Oral-B Laboratories |
| P&G Hair Care Holding, Inc. |
| Procter & Gamble Commercial LLC |
| Procter & Gamble do Brazil, LLC |
| Procter & Gamble Eastern Europe, LLC |
| Procter & Gamble Energy Company LLC |
| Procter & Gamble Far East, Inc. |
| Procter & Gamble Hair Care, LLC |
| Procter & Gamble Holding LLC |
| Procter & Gamble India Holdings, Inc. |
| Procter & Gamble Leasing LLC |
| Procter & Gamble Mexico (US) LLC |
| Procter & Gamble Productions, Inc. |
| Procter & Gamble RHD, Inc. |
| Proof Company, LLC |
| Redmond Products, Inc. |
| Richardson-Vicks Real Estate Inc. |
| Riverfront Music Publishing Co., Inc. |
| Rosemount LLC |
| Shulton, Inc. |
| Sunflower Distributing LLC |
| Tambrands Inc. |

| |
|---|
| TAOS - FL, LLC |
| The Dover Wipes Company |
| The Gillette Company LLC |
| The Procter & Gamble Distributing LLC |
| The Procter & Gamble Global Finance Company, LLC |
| The Procter & Gamble Manufacturing Company |
| The Procter & Gamble Paper Products Company |
| The Procter & Gamble U.S. Business Services Company |
| This is L. Inc. |
| Tula Life, Inc. |
| United Beauty Brands, LLC |
| US CD LLC |
| Walker & Co. Brands, Inc. |
| Zenlen, Inc. |